# Özüñ seniñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Özüñ seniñ ÖZÜŇ SENIŇ

Maňa, köp zat gerek däl,
Ýetik, birje sözüň seniň.
Dünýe maly, deň-derek däl,
Artyk, täk bir özüň seniň.

Diýsem nädip, beýle boldy,
Arzyň seniň talaň saldy,
Bakyşyna bir döw çaldy,
Şol mähirli gözüň seniň.

Güjeňdir, miwe mysaly,
Bişse ýolarlar hasyly,
Garaşdyrdy, üç pasyly,
Ýetişdirmi, güýzüň seniň?

Men ýapyşdym, berk gysymym,
Doň ýürekmi, ýa kysymyň,
Ýaşaýyşyň esasymyň,
Kösendirdi näziň seniň.

Niýet kime, haýran galýaň,
Üçünini biljek bolýaň,
Bil, men senden ylham alýan,
Hiňlendirýär sazyň seniň.

Ýumşak sesi, mähre çaýlan,
Serhoş edip, başym aýlan,
Telbemikäm, başagaýlan,
Eşdilýär owazyň seniň.

Illi diýer, gürleşmedim,
Ýüregiňe ýerleşmedim,
Goşa tar deý birleşmedim,

Köýük etdi közüň seniň. Goşgular